# Tamdyra nan ýapýan zenan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Tamdyra nan ýapýan zenan TAMDYRA NAN ÝAPÝAN ZENAN



…Asmanda dargady al-ýaşyl tüsse.
Gün reñkli howra öwrüldi ýalyn.
Çep el bilen tutup gyzgyn mañlaýyn,
Tamdyra nan ýapyp başlaýar gelin.
Günsypat, melewşe, tegelek nandan
Dolup barýar gyzan tamdyryñ böwri.
Ýaş gelin suw sepýär sag eli bilen,
Az-kem ýatsyn diýip tamdyryñ howry.

Nan ýapylsa-ýarym işiñ bitdigi
Gelin örboýuna dikeldi indi.

Gün gökden sallanyp düşdi daglara,
Nan ýapylýan wagty ~ gyzar ikindi!

Tegelek sekiz nan lowurdap barha,
Tamdyryň böwründe gün bolup dogýar.
Çep elini sagrysyna söýgetläp,
Ýaş gelin tamdyra ýene baş egýär.

Tamdyryň üstüne egilýär göwre.
Ýazylýar, düýrügýär ýaý ýaly gerden.
Berekediň bagtyň baş alamaty ~
Gyrmyzy nan çykýar gyzgyn tamdyrdan!

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Goşgular